# Bir ýyldan soň…

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bir ýyldan soň…




Bir ýyldan soň ýene hiç zat üýtgemez,
Gezerin kineli, geçmişe gargap!
Bir ýyldan soň hasam garran ejemiň,
Gyzy borun, ýene bir ýyla garran!

Bir ýyldan soň ýene hiç kim düşünmez,
Belki, sözlerime lagnat ýagylar!
Dostlarmyňam sany noldan köpelmez,
Belki, duşar iki ýüzli ýagylar!

Bir ýyldan soň bagtym dolanmaz gaýdyp,
Umydymam ýene biraz egsiler!
Ýene ynanmaryn, şu günki ýaly,
«Bu dünýäde hakdyr söýgi!» diýseler!

Üýtgemez, adym şo-ol—garry gyz bolar!
Ýaşym üýtgär, otuz däl, otuzbir bolar!

Aýsapar EMELOWA Goşgular